Her bir halkyň medeniýeti onuň milli aýratynlyklaryny şöhlelendirýän, halkyň geçmişini şu güni we geljegi bilen baglaýan gymmatlyk halkasy hökmünde çykyş edýär. Medeni miras halkyň gelip çykyşyny, taryhyny we ýaşaýyş-durmuş şertlerini aýdyň görkezýär. Şu nukdaýnazardan, ata-babalarymyz parasatly durmuş tejribä esaslanýan milli-medeni gymmatlyklarymyzy, däp-dessurlarymyzy gözleriniň göreji ýaly gorap, nesillerimize miras galdyrmak ugrunda uly aladalar edipdir. Häzirki Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bolsa, Arkadagly Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda milli medeniýetimiziň barha baýlaşdyrylmagy, onuň döwrebap hukuk goragynyň üpjün edilmegi ilkinji nobatda, pederlerimizden şu günlerimize ýeten maddy we maddy däl mirasymyzyň, däp-dessurlarymyzyň nesilden-nesle geçirilmeginiň wajyplygy bilen baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan taryhy-medeni, maddy hem-de maddy däl mirasyny aýawly saklamak, ylmy esasda öwrenmek we dünýä ülňülerine laýyklyk rejelemek işlerine aýratyn ähmiýet berlip, döwrebap öwüşginlerde dikeldilýär. Dünýäniň häzirki «dördünji senagat rewolýusiýasy» döwründe bolsa, täzeçillikleriň, innowasion oýlap tapyşlaryň, senagat önümçiligiň, sanly ulgamyň ileri tutulmagy bilen birlikde, her bir halkyň millilik gymmatlygyna ählumumy derejede aýratyn hormat goýulýar, milli aýratynlyklary bilen dünýä medeniýetinde yz galdyran gymmatlyklar ulgamagy halkara giňişliginde baýlaşdyrylýar. Munuň özi, Türkmenistan bilen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işjeň hyzmatdaşlygyň ählumumy ähmiýetini esaslandyrýar. Çünki, halkara gatnaşyklar nazaryýetinde medeni diplomatiýa dürli halklaryň we döwletleriň arasynda özara düşünişmegiň möhüm guraly, dostlukly, birek-birege hormat goýmak gatnaşyklaryny ýola goýmagyň bolsa, netijeli usullarynyň biri hökmünde garalýar. Şu nukdaýnazardan, Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 23-nji sentýabrynda geçirilen Döwlet Maslahatyndaky çykyşynda Aşgabat şäherini ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna birikdirmegiň, türkmen alabaýlaryny ýetişdirmek sungatynyň, türkmen keçe sungatynyň, türkmen demirçilik senediniň, türkmen tazysynyň we elguş sungatynyň, türkmen milli göreşiniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmeginiň zerurdygy, ÝUNESKO derejesinde bellenilýän şanly seneleriň sanawyna bolsa, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň goşulmagy we bu ugurda ileri tutulýan ençeme wajyp wezipeler barada aýratyn belläp geçdi. Çünki, jemgyýetiň we şahsyýetiň deňagramly we sazlaşykly ösmeginde halkara medeni hyzmatdaşlygy hem oňyn täsirini ýetirýär. Şol oňyn täsiriň netijesinde-de tutuş adamzadyň gymmatlyklar hazynasy giňeýär, bütin dünýäde dost-doganlyk ruhy artýar.

Halkymyzyň toplan gündelik durmuş tejribesiniň, däp-dessurlarynyň, edep kadalarynyň türkmeniň gözel tebigaty bilen sazlaşykly ynsanperwer durmuş ýörelgeleri esasynda emele

Все права защищены

gelendigine ylmy, çeper, edebi mirasymyza ýüzleneniňde göz ýetirmek bolýar. Bilşimiz ýaly, ýaşaýşyň dürli şertlerinde türkmeniň bereket çeşmesine deňelen ata-babalarymyzyň durmuş tejribesinden eriş-argaç bolup geçýän milli awçylyk, senetçilik, ýerli ösümlik çig malyndan dürli dermanlyk ösümlikleri özleşdirmek, suwy ýygnamagyň we tygşytly ulanmagyň usullary, howanyň ýagdaýy barada halk arasyndaky alamatlara düşündirişler, türkmen alabaý we tazy itleri, elguşy, keçe hem-de keşdeçilik sungaty ýaly milli maddy hem-de maddy däl gymmatlyklarymyz sanardan köp. Şol bir wagtda, halkymyzyň wepaly hemrasyna öwrülen alabaýyň ata-babalarymyzyň ykbalynda, halk döredijiliginde, çeper edebiýatynda umuman türkmen filosofiýasynda eýeleýän ornuny aýratyn bellemek gerek.

Häzirki wagtda türkmen alabaýynyň dünýäde iň meşhur tohumlaryň biri hökmünde ykrar edilmegi onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ahalteke bedewi, türkmen halysy ýaly milli gymmatlyklar ulgamynda mynasyp ornuny kesgitleýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen alabaýy» atly kitabynda dünýäde iň gadymy tohumlaryň biri bolan meşhur alabaý tohumynyň gelip çykyşy we ösüşi barada gürrüň bermek bilen bir hatarda, alabaýyň medeni gymmatlygy we özboluşlylygy açylyp görkezilýär. Ýurdumyzda halk seçgiçileriniň tagallasy, alabaýyň beýleki tohumlardan goralyp saklanylmagy netijesinde türkmen alabaýy beýleki tohumlar bilen garyşman özüniň ilkibaşdaky keşbini saklap galypdyr. Ýokary hünärli it idedijileri bu tohumyň ýaşyny dürli-dürli kesgitlemekleri onuň gadymy döwürlerden gözbaş alýandygyny tassyklaýar. Gulaklary we guýrugy kesilen itleriň şekiljikleri dürli ýyllarda Altyndepe we Goňurdepe ýaly meşhur ýadygärliklerde tapylmagy hem aýdylanlary doly tassyklaýar. Türkmen alabaýynyň dünýäde meşhurlygy onuň, öz güýjüne ynamly, berk nerw ulgamyna şol bir wagtda, örän rahat, syzgyr, saýhally we gaýduwsyz gylyk-häsiýete eýedigi bilen tapawutlanýandygynda jemlenýär. Gadym wagtlardan bäri alabaýlar diňe bir mal iti hökmünde ulanylman eýsem, sakçy, garawul hökmünde hem peýdalanylypdyr. Pederlerimiz awa çykanlarynda, uzak ýaýlalara mal bakmaga gidenlerinde öýlerini, goşlaryny wepadar goragçylaryna doly ynanypdyrlar.

Arkadagly Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda alabaý itleriň hormat-sarpasy, olaryň arassa tohumyny goramak we baýlaşdyrmak, dünýä meşhurlygyny artdyrmak ugrunda alnyp barylýan işleriň döwlet derejesinde ileri tutulmagy kanunalaýyk ýagdaýdyr. Her ýylyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesiniň Watanymyzda Türkmen alabaýynyň baýramy hökmünde bellenilmegi, 2020-nji ýylda Türkmen alabaý itleri assosasiýasynyň döredilmegi, Ahal welaýatynda «Türkmen alabaý itleri» hojalyk jemgyýetiniň binalar toplumynyň, welaýatlarymyzda bolsa türkmen alabaý itleriniň karantin hem-de tohumçylyk merkezleriniň, ýurdumyzyň ugurdaş ýokary okuw mekdeplerinde kinologiýa hünäriniň açylmagy aýdylanlaryň aýdyň mysalydyr. 2022-nji ýylyň 26-njy iýulyndan resmi taýdan güýje giren «Itçilik we kinologiýa işi hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi bolsa,

Все права защищены

ýurdumyzda tohum itleriň genofonduny gorap saklamagyň, itler köpeldilen, ösdürilip ýetişdirilen we ulanylan mahalynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň kanuny esaslaryny üpjün edýär. Kanuna laýyklykda türkmen alabaý itleri türkmen halk seçgisi tarapyndan köp asyrlaryň dowamynda döredilen tohum itler hökmünde kesgitlenilip, olary köpeltmek, hasaba almak, itleriň tohumçylyk kitaplarynyň döredilmegi we ýöredilmegi ýaly zerur jemgyýetçilik gatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşdyrylýar. Şunuň bilen baglylykda türkmen alabaýlary bilen birlikde, türkmen tazy itleriniň hem gymmatlygynyň kanun esasynda ykrar edilýändigi bellenilmäge mynasyp. Sebäbi, halkymyzyň awçylyk medeniýetinde özüniň duýgurlygy, syzgyrlygy we çalasynlygy bilen tapawutlanýan tazy itleriniň wajyp orny bar. Gadymy türkmen topragynda müňýyllyklardan geçip gelen ýyrtyjy guşlar we türkmen tazysy bilen aw etmek sungatynyň bu gün milli aýratynlygyň, medeni özboluşlygyň we ruhy sagdynlygyň alamaty bolmak bilen bir hatarda onuň tebigat bilen baglydygyny ýagny, tebigaty goramakda bu medeniýetiň ornunyň örän uludygyny hem görkezýär.  Bularyň ählisi kökleri gadymyýete uzaýan halkymyzyň toplan şeýle sazlaşykly durmuş tejribesiniň baýlaşdyrylmagynyň we umumadamzat mirasynyň hazynasyna goşmak üçin ylmy taýdan öwrenilmeginiň wajyplygyny esaslandyrýar.

Halkymyz milli mirasynyň maddy we maddy däl, taryhy-medeni hem-de tebigy obýektlerini tebigatyň edep kadalary bilen sazlaşykda däp-dessurlar, adatlar arkaly gündelik durmuş tejribesinde ulanypdyr. Şeýle durmuş tejribäniň taryhy kökleriniň gadymylygy, ýaşaýyş durmuşy üçin halkymyz bilen birlikde, dünýä halklary üçin hem ähmiýetliligi bolsa, olaryň goragynyň milli we halkara derejede üpjün edilmeginiň, öwrenilmeginiň, dikeldilmeginiň, baýlaşdyrylmagynyň we nesilden-nesle geçirilmeginiň kanunalaýyklygyny tassyklaýar.

**Nowruzgül JUMANIÝAZOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены